# BULARYŇ BARYDA SEN HAKDA

## SEN HAKDA

Bularyň baryda sen hakda bilseň
Gözleseň şygrymdan taparsyň ölsem
Setirlem okaňda lebleriň öpüp
Ör turup bagryma basaryn belkem

Sen şonda uýalyp gyzaryp çala
Utanaňňokmy oglan diýersiň maňa
Soň şygrymyň her setirin sypalap
Sözlerim öpersiň bir – bir gaýtalap

Köňül syrym yşk gamyňa ýuwrulyp
Owaz eder saýrak guşa öwrülip
Okaňda dodagyň dodagma degip
Seň baryňda dowam eder dirilik

## NÄME ÝETENOK MAŇA

Näme ýetenok maňa elenýär ýürek
Pikirim garyşyk duýgulam gowşak
Ýaşlyk ýyllaryma gaýdyp barýaryn
Ýitiren bolsamda, men ony bir çak

Ýyllar bilen bile ýitmän aňymdan
Ýüregmiň törüne goýýarsyň gadam
Görmesemde hyýalymda ýaşaýaň
Ýitmeseň bor, muňa ederin çydam

Ýürekden syzylyp gözlerden çykan
Merjen dänelerniň daman ýerleri
Gülzarlyga meňzesede daşyndan
Ýatladyp dur şol hupbatly günleri

Dilim – dilim parçalanan ýüregiň
Ýyllar bilen ýimez eken yzasy
Ykbal bize ýowuz daraşar ýaly
Mukaddes söýgiň hem barmy günäsi

Söýgüde günä ýok, günä adatda
Ýaş beýnini aldadylar elbetde
Indem çekip ýöris aýralyk dagyn
Çekerisem diri bolsak aýatda

Aramyzy böldügiçe giňişlik
Şonçada ýakyn sen, şonçada artyk
Ýitip gitme bu durmuşyň ümründe
Hormatym bar saňa söýgümden artyk

## UKUSYZ

Keseki saýma meni
Bagry badaşanyň men
Arzuw edip hyýalda
Baky ýaşaşanyň men

Söýgiň göge göterip
Güýzde ösen ýeliň men
Köňlüň içre ýol ýasan
Ukusyz bilbiliň men

Ýürek yzasyn çekip
Syryny saklanyň men
Umyt güneşin ýakyp
Ataşa oklanyň men

Yşkyň oduna eräp
Köňle garyşanyň men
Ölüp ýene direlip
Saňa garaşanyň men

## BIR SENI

Gel ezizim, gel sen gündiz-gijeler
Isle asuda gün ýa gaý tupanda
Gelseň ýaltanmaryn açmana gapym
Oýakam, ukyda parhy ýok onuň
Diňe sen diýp urýar ýüregim meniň
Men seni görmesem gamlanyp gezýän
Sebäbi durmuşda bir seni söýýan

Gel ezizim, gel sen ýylyň dört pasly
Aýrylma ýanymdan synlaýyn seni
Gyşda sowuk diýmän, tomus hem yssy
Gandyr gül keşbiňden gandyrgyn meni
Görmesem jemalyň men ýanyp-köýýän
Sebäbi durmuşda bir seni söýýän

Asman ýyldyzlarynyň biri bolsaň hem
Gije görnüp gündiz gözümden ýitme
Gül jemalyň gizläp intizaryňdan
Yşkyň derýasyna gark edip gitme
Saňa gözelligiň nusgasy diýýän
Sebäbi durmuşda bir seni söýýän

## MENDEN BETER

Güýz şemaly ýapraklary yranda
Durnalar asmanda guranda hatar
Günler öwrüm berip öňe ýörände
Men saňa garaşdym, sen menden beter

Daň säherler pyntyk ýaranda güller
Bilbilden gönderen salamym ýeter
Garaşýan sözüni gaýtalap diller
Säher ýola bakýan, sen menden beter

Guramaz bag kökünde bolsa nemi
Gaýta şahalary gol ýaryp biter
Güllere düşende asmanyň şemi
Men asmana aşyk, sen menden beter

Ýeke galsaň meni küýsese ýürek
Şygryma ýüzlenseň üstümden elter
Diňe säher galar ornuma derek
Men säheri söýýän, sen menden beter

Sähäriň howasyn saňa deňeýän
Sen bolmasaň säher howasam ýiter
Men güliň aşygy, sen sähra güli
Men seni küýseýän, sen menden beter

## ŞEÝLE SÖÝ

Söý ezizim döwrümi, söý ýürek bilen
Söý ähli duýgylaň bagş edip söýgä
Gel bile goraly söýgi ýolunda
Hormat goýmak üçin ajaýyp duýga

Söý ähli gaýgyny çykaryp ýatdan
Söý bu şat ilimi, ajap durmuşy
Söýgi bilen ýatyp, söýgi bilen ör
Söýgi bilen gurlan dünýäň gurluşy

Söý meni perizat Balahusnynyň
Şazada Bähremi söýüşi ýaly
Ýa Kaýysyň söýgä bolan höwesin
Gundogda Leýliniň duýuşy ýaly

Söýgi deňiz bolsa sen gulaçlap ýüz
Döz gel onuň gomlarynyň urşuna
Göz öňüne getir öten aşyklaň
Söýgi üçin özün oda urşuna

Şeýle hormat goýsak mukaddes söýgä
Saklanar dünýäde söýgiň sarpasy
Päkligi ýadygär galdyrmaly biz
Öwreneri ýaly nesliň körpesi

## TAPYLMAZ

Mähirli gözleriň mährine geljek
Teke, ýomut, ärsaryda tapylmaz
Nebitdag, Çeleken, Gumdagda, Bentde
Sakarda, Salyrda, Maryda tapylmaz

Özüň ýaly dünýä inermi-inmez
Oňa meň akylym, jogabyn bermez
Seň yşkyňa ýanan özgäni görmez
Görsede göwnüne melhem tapylmaz

Özbegiň ilini piýada gezsem
Türkmen topragyny ýüzüme sürtsem
Täjige, gazaga, gyrgyza gitsem
Aç suwsyz gözlesem sendek tapylmaz

Lenkoran, Fizuli, Baky, Masally
Iýmän-içmän gözläp bolsam keselli
Soçiň howasyndan gözläp teselli
Tiflise, Kryma barsam tapylmaz

Mingaçaur, Gökçaý, Kafan, Nähiçewan
Dagestan, Osetin, Çeçen, Erewan
Abhazdan – Nalçige bolsam rowai
Kalmykdan, Tatardan, Persden tapylmaz

Ýakutdan, Tuwinden, Burýat, Komiden
Kişinew, Odessa hem Suhumiden
Kutaisi, Poti ol Batumiden
Mähirli gözleriň taýy tapylmaz

Rimde, Tiranda, Afin, Bagdatda
Tähranda, Alžirde, Liwan, Riýadda
Nigerde, Mälide, Sudan, Bamakda
Mozambik, Zairde, Çadda tapylmaz

Mongolda, Koreýda, Ýapon ilinde
Gözellik nusgasy Hindistanynda
Turan pesliginde, Sahar düzünde
Görküňe taý geljek gözel tapylmaz

Nýu-Ýork, Waşington, Çikago
Sant-Doming, San-Salwador, Ottawa
Kolumbiýa, Santo-Krus, Santýago
Meksikada, Gawanada tapylmaz

Behiştin lalasy zardyr bakmaga
Suw perisi gorkar suwdan çykmaga
Ýaraly ýüregme melhem ýapmaga
Otdan - suwdan, ýerden – gökden tapylmaz

## ÇYKAR MENI

Gudrat bilen ýüregime ornadyň
Aklym çaşdy men bir ýerde durmadym
Agladym – eňredim, oýnap gülmedim
Çykar bu hasratdan Baharym meni

Oýlanyp geçirýän keşbiňi görmän
Aldanýan salgyma öwranma-öwran
Kalbym ot içinde, eliňde derman
Çykar bu hasratdan Baharym meni

Daglardan gözledim, yzladym düzden
Danalaryň miras goýan sözünden
Bedenim gurady, çyg çykmaz gözden
Çykar bu hasratdan Baharym meni

Ajalym ýetmänkä çykarma perman
Ganaýyn keşbiňden, galmasyn arman
Kalbymyň töründe, gizlenip durman
Çykar bu hasratdan Baharym meni

## HAKYDAMDAN ÇYKAŇOK

Mukaddes söýgüniň güýji bar sende
Gör nije ýyl çykaňok meň aňymdan
Käte gamly, käte şadyýan pursat
Janlanyp gidenok meň ykbaymdan

Sen Beýik sen, başy belent dag ýaly
Kä mylaýym, eräp barýan gar ýaly
Käte sowuk, misli doňan buz ýaly
Hem ajaýyp, şirin çalnan saz ýaly

Indi men gijeler çekemok şöwür
Ýüregem gysanok görmese seni
Ýaralam bitişip geçip dur döwür
Durmuş öz çarhynda taplady meni

Şondada kalbymyň töründe bukup
Söýgi mähri bilen oýarýaň säher
Bulutdan ýaldyrap çykan aý ýaly
Hakydamdan çykyp, gideňok Bahar

## NIRDE SEN

Taýsyz gözelligi özünde jemlän
Nirde sen Baharym, nirde sen dünýäm
Derdime düşünmän, köp bolar geňlän
Nirde sen Baharym, nirde sen dünýäm

Ukysyz gözlerim, serhoşdur halym
Gyzygy ýok dünýäň, sensiz ykbalyň
Nirde mekan tutdyň, niçikdir halyň
Nirde sen Baharym, nirde sen dünýäm

Jennetdir seň bilen sürülen döwran
Göz öňümde keşbiň öwranma-öwran
Ýüregim äkidip, goýup boş göwräm
Nirde sen Baharym, nirde sen dünýäm

Asman ýyldyzlary, ak maýaň ýoly
Gündiziň güneşi, gijäniň aýy
Kömek ediň maňa tapmana ýary
Nirde meň Baharym, nirde meň dünýäm

Çekýänim hasratdyr, gam bilen gaýgy
Meni öz ugruna goýanok söýgi
Belentdir söýgümiz, belentdir duýgy
Nirde sen Baharym, nirde sen dünýäm

Didaryny bir görmäne zar eden
Giň dünýäni meň kalbymda dar eden
Owal Allam ýokdan bizi bar eden!
Nirde meň ezizim, nirde meň dünýäm

## SENIŇKI BOLSUN

Gözlerňe gurban bolaýyn
Men sensiz neneň güleýin
Gaýgyňy özüm alaýyn
Şatlygym seniňki bolsun

Syl Baharym gözden ýaşyň
Çytylmasyn galam gaşyň
Agy meňki, örüm saçyň
Garasy seniňki bolsun

Ýaz ýagyşy bolup ýagsam
Kalbyňda gün bolup dogsam
Ter güllerden çemen bogsam
Tikeni meniňki bolsun

Şanyňa ýazaýyn eser
Söýgüň bagrym tygsyz keser
Degse maňa degsin kesel
Saglygym seniňki bolsun

## SEN BAHAR

Gözeller içre saýlanym
Sen, sen diňe sen Bahar
Gijeler ýatman oýlanym
Sen, sen diňe sen Bahar

Ak ýüzüň görse suw peri
Islemez aby köwseri
Sekiz jennediň bilbili
Sen, sen diňe sen Bahar

Boldum men yşkyň gurbany
Sen berdiň ýowuz permany
Derdimiň ýalňyz dermany
Sen, sen diňe sen Bahar

## BAHARYM

Sen gitdiň ataryp yşkyň oduna
Ot içinde döndim küle Baharym
Ýalbardym ýetiş diýip meniň dadyma
Gabak galdyrmadyň bize Baharym

Görmese çat açar bu juwan göwün
Gel gülüm galmasyn ýürekde düwün
Gam laýyndan çyka bilmän men bu gün
Bialaç gözledim ýoluň Baharym

Sen jennet bagynyň bir näzik güli
Gorkaryn ýeter diýip namardyň eli
Kä direlip käte ýatyp men öli
Yşkyňdan meýmiräp bimar Baharym

Sen güler sen, men aglar men ýaş döküp
Derdim agyr, derman tapman il söküp
Yşk derdiniň gamy boýnuma çöküp
Dag bolup üstümden basar Baharym

## SEN BOLSAŇ

Sen düşýäň gamlansam, şatlansam ýada
Sen göwher, sen merjen, sen Asylzada
Men bakman behişde, hiç perizada
Çöpden çatmam hem içinde sen bolsaň

Kyrk kerwen guralsa Yrakdan bäri
Ýüki altyn bilen merjenden doly
Elli müň zenan göz gözlese bäri
Hiç bakyş saklamaz diňe sen bolsaň

Ýag iýip geýjegme ynamym bolsa
Şa gyzy sallanyp goýnuma dolsa
Köşki-eýwanyna mirasdar goýsa
Hiç baýlyk saklamaz diňe sen bolsaň

Derdiňden ot çyksa tenimden tütäp
Süňklerim owransa damarlam gatap
Söýgiň gudratyndan bedenim bekäp
Täzeden jan girer ýanymda bolsaň

## ALMASA

Ýürek aglar, tapmaz karar
Kim söýen ýaryn almasa
Şirin jana berer azar
Kim söýen ýaryn almasa
Ýol uzakdyr, ömür kelte
Geçer barar kerte-kerte
Öz ömrüne urar palta
Kim söýen ýaryn almasa

Durmuşyň hözürin görmez
Ýitireni gaýdyp gelmez
Deň-duş bilen oýnap-gülmez
Kim söýen ýaryn almasa

Başdan akyl, huşy uçar
Bilinden kuwwaty göçer
Durmuşyň gyzygy gaçar
Kim söýen ýaryn almasa

## MENI

Yşk meýinden gandyryp
Sen serhoş etdiň meni
Behişt gülün ysgadyp
Sen bihuş etdiň meni

Şirin söz, şirin bada
Jennete salyp ýoda
Az salym bu dünýäde
Göwni hoş etdiň meni

Söýdüm, söýüldim gülüm
Söýgä ýok diýip ölüm
Saýradyp şirin dilim
Saýrak guş etdiň meni

Söýdüm müň dürli näziň
Çalyp aýralyk sazyn
Ile paş etdiň meni

Ýürekde goýup gasyn
Gözümden uçduň basym
Köýdürüp bar yhlasym
Sen nähoş etdiň meni

## DÖKME ÝAŞY

Gaýgylandyrsada meniň bu goşgym
Mert bolgun durmuşda dökmegin ýaşy
Ýaş dökmekden çykýan bolsa netije
Meň göz-ýaşym erederdi dag-daşy

Meň göz-ýaşym erederdi dag-daşy
Hem akardy misli bir bulak derýa
Emma men öňüne böwet guryaryn
Ýogsa göz ýaş söýgim äkidip barýar

Ýogsa göz ýaş söýgim äkidip barýar
Hem äkidip barýar ýürek gaznasyn
Öz söýgüsin göz ýaş bilen dökenler
Aýdyň neneň söýgim bar diýip agzasyn

## ÝANYP DUR

Sekiz ýyl öň gülüp bakan gözleňde
Soňky geçen ýyllaň közi ýanyp dur
Gara tüm gijede şamar odunda
Mukaddes söýgümiň özi ýanyp dur

Hakyky söýgüniň ýok eken çägi
Ony inkär etmen dirilik çagy
Erän ýüregimiň erginlik ýagy
Ruhy dünýämi ezip, damyp dur

Biziň aramyzy bölüp giňişlik
Miras goýup gitdi ägirt bir boşluk
Ýürekden ýok bolup şadyýan hoşluk
Oň ýerine gaýgy-hasrat dolup dur

Kän bolupdy dostdan duşmanlaň sany
Ynan ýüregimiň Beýik soltany
Bu gün söýgümiziň diri duşmany
Bizi görüp üstümizden gülüp dur

****

Men bilmedim näme ýaryň hyýaly
Barha solgun görünýär oň jemaly

Gam bilen gussadan dolduryp başyn
Ajy ýaşa garyp iýýärmi aşyn

Ýa durmuş labyry üstünden basyp
Garyşyk pikirler barýarmy kesip

Pikir ummanynyň läbigne çöküp
Urunýarmy bilmän daşyna çykyp

Ýa göripler bulaşdyryp aňyny
Çalmakçy bolýarmy ýeňiş sazyny

Şeýtan dek eýeläp ýürek törüni
Azdyrmanyň tapdylarmy tärini

Olam uýup olaň mekir – alyna
Atanak çekdimi öz ykbalyna

Hakyky söýgüniň öçmejek odun
Gara bulut örtüp gowşadýar badyn

Sypaýçylyk artyp gowşasa dostluk
Ornuna taýýardyr şumluk hem pislik

Şeýdip egri agaç dek  egreler gider
Akly barlar ondan ederler heder

## NIRDE SEN

Bu gün menden aýra düşen
Nirde Baharym nirde sen
Aýralykda ýanyp bişen
Nirde Baharym nirde sen

Gözlerimden gaýyp bolup
Ýüregime hanjar uryp
Söýgi derdin miras goýup
Nirde Baharym nirde sen

Heder etdiňmi il-günden
Ýa-da bir namart dilinden
Bu derdiň agyr ölümden
Nirde Baharym nirde sen

Görki bilen haýran eden
Görer gözüm girýan eden
Yşk köşgümi weýran eden
Nirde Baharym nirde sen

## BARLYGMYZA

Bilýän saňa kyndyr mensiz
Maňada ýeňil däl sensiz
Ýöne nätjek çydamaly
Ýogsa durmuş bor manysyz

Görmesek hem bir-biregi
Ýaşa meniň hyýalymda
Bessir şatlygym paýlaşsaň
Özüm galarn gaýgy-gamda

Wagt geçer täzelener
Biziň ýörän ýodalarmyz
Ýöne ýene şony saýlarys
Gaýdyp gelse çagalygmyz

Ýatlamalar bilen ýaşap
Ýol bermän göwün darlygna
Öýke-kinän zyňyp taşlap
Guwan Bahar barlygmyza

****

Gyzgyn ýaşlar al ýaňakdan syryksa
Köňlüm aram tapmaz, urunar tende
Söýgi derdi gaýgy-gama birikse
Ynjasaň karardan düşerin mende

Ýaş aýlap gözüňe aglama sessiz
Gan öýen ýarama sepme sen duzy
Ýüregmiň ozalky ýarasy bessir
Çalma sen kalbymda gussaly sazy

****

Bilbil bolup saýrap oýarsam säher
Gaşyň çytyp, guşa etmegin gahar
Penjiräňden giren mylaýym şemal
Şemal däl men bolup ýaňagyň öper

## KALBYMA ÝAZDYRYP ADYŇ

Kalbyma ýazdyryp adyň
Gaýyp bolduň perizadym
Men kime aýdaryn dadym
Bir özüň çözmeseň Bahar

Sensiz geçen her-bir günim
Ýaşaýyşa meňzeş ölüm
Mundan artyk etmän zulum
Melhem et ýarama Bahar

Ýazymy öwürip gyşa
Köňlümden gitme sen daşa
Ýakyp - ýandyryp ataşa
Syn etme sen daşdan Bahar

Ýitirdim sabyr kararym
Bir ýerde ýokdur durarym
Biribardan bar dilegim
Aýyrmasyn senden Bahar

****

Gözlerimde goýup giden yzlaryň
Tapjak bolup ömür boýy gözlärin
Özge gözler tutmaz ýaly ornuňy
Sen keşbiňi ýüregimde gizlärin

Ýüregiň üstüne ýüregim goýsam
Söýgüňde söýgime meňzeşlik duýsam
Ýetsemde özüňe egsilmez derdim
Ömürlik uklaman bir seni söýsem

## BÄRI GEL

Bilbil men güle aşyk
Ter bägülim bäri gel
Sensiz meň aklym çaşyk
Derde-derman bäri gel

Jan algyçdyr gözleriň
Aýa meňzär ýüzleriň
Bagrym içre sözleriň
Ýakar janym bäri gel

Şeker - şerbetler iýen
Ýüpek daraýy geýen
Tükenmez derde goýan
Jany jellat bäri gel

Iş tapmadyňmy başga
Ýakyp sen bizi yşga
Serenjam berip köşge
Gül-gülistan bäri gel

Öz aşygyn agladan
Bagryn oda dagladan
Bilbil güle zar eden
Zalym jellat bäri gel

Gül-gunçaly lälezar
Sende meniň bagtym bar
Yşka ýakma näzli ýar
Bagtyýarym bäri gel

Sözleriň hassanyň emi
Gara saçlaň gijäň tümi
Baky ýansyn bagt şemi
Bagy-bossan bäri gel

Gün agyp düşdi öýle
Ýarym çykaly seýle
Söýgiň kanuny şeýle
Intizarym bäri gel

Tanyşmy yşkyň ýoly
Bu ýol huppatdan doly
Mert bol Gülaýym ýaly
Merdi-mestan bäri gel

Gezeli bile mestan
Durmuşa düzüp dessan
Sen şatlygym, sen gussam
Bahar – ýazym bäri gel

****

Aýdym bilen sazym aldyň
Gyşyň goýup ýazym aldyň
Garaşyp saralyp soldum
Hiç gitmediň huşdan Bahar

Durmuş seni kösedi kän
Mert göreşdiň bolmadyň san
Sen paýhasly Beýik ynsan
Ýürekdedir ornuň Bahar

**BAHARYM MENIŇ**

Ykbalyn bire baglanym
Söýgi oduna daglanym
Haka ýalbaryp aglanym
Baharym meniň

Mähirden dolup dur gözi
Nurdan ýasalan mysaly
Kalbymyň şirin owazy
Baharym meniň

Görmedikleň ger göresi
Döküp baýlygyn beresi
Dünýa gyzlarnyň seresi
Baharym meniň

Ýüregmiň bitmez ýarasy
Gözümiň agy-garasy
Bagtymyň öçmez çyrasy
Baharym meniň

Asman aýy, deňiz düri
Ýiti paýhas, akly dury
Aby-zemzem köwser suwy
Baharym meniň

Säheriň tämiz howasy
Soltanlaň şalyk jygasy
Ilki söýgümiň güwäsi
Baharym meniň

****

Kyn seni özgä berip, syn etmek daşdan maňa
Gamsyz gara gözleri doldurmak ýaşdan maňa
Gel gülüm geç günämi ýandyrma közüň bilen
Gamgyn göwnüm galkyndyr müň dürli näziň bilen

Ýogsada kyn aşyklaň magşugyna duşmasy
Günden alsaň tälimi aňsat dogup ýaşmasy
Ýöne sen gün däl gülüm, artykmaç aşa günden
Bir dogaňsoň ýaşmaklyk aýyp bor gülüm senden

## ŞATDYR BAHARYM

Bu derdiň ýokdur çäresi
Bitmez ýüregmiň ýarasy
Gözüniň agy-garasy
Misli jellatdyr Baharyň

Ýakyp ýandyr meni yşgy
Görmesem bolmazmy käşgi
Ak eýwanly gözel köşgi
Biz üçin ýatdyr Baharyň

Örüp göýberse aşaga
Ýeter saçy per düşege
Meýil etsem ol gujaga
Düşegi otdyr Baharyň

Bagynda kän injir, nary
Dile düşmezdir bagbany
Bagş edip maňa zyndany
Bir özi şatdyr Baharyň

## SEN HAKDA

Sen hakda pikir hyýalym
Alyp gidýär meni seniň ýanyňa
„Tur indi!“ diýp yralanda aýalym
Her sözi ok bolup çümýär janyma

Göz ýumýan, ýorgana çümrüp başymy
Hem seň hakda ýene ýuwurtýän hyýal
Tasanjyrap, bürjeşdirip gaşyny
Bir zady duýýan dek, ot alýar aýal

Gijeler enteýäň, gündizem ýatýaň
Çagaňa ýat indi atalyk mähir
Aýtsana ezizim näme beýitýäň ?
Ýa içdiňmi, şerbetdir öýdüp zäher

Göreçleňde yz goýupdyr özge göz
Neneň ol dözdükä aýra salmaga
Çagalary ýyly söze zar edip
Durmuşymyň nowça gülün ýolmaga

Çagalaň ejesi dil ýarmasada
Şu sözler beýnimde döredip owaz
Päklik – garalygy terezä goýup
Ynsabyň öňünde berip dur sowal

****

Haçan jem bolar pikir ?
Haçan dür saçar akyl ?
Haçan ýürek ynjalar ?
Haçan beýnim dynç alar ?

## HASRATA ÝUGRUP

Gitme sen taşlap öz intizaryň
Daş bolup çökmesin söýgiň ýüregme
Aýralyk hesretin çekmäli gülüm
Söýgi ýolun bile geçmaň deregne

Umytly bol, umyt ösdür söýgüni
Aljyrama, ynjama sähel zada
Takdyra ten berip, ýatyrma bagtyň
Ejizleme bolup has aşa sada

Goýyp ýüreklerde söýgiň yzasyn
Gitme giň sährany zyndana öwrüp
Ömrümiň baharyn, aýdymyn-sazyn
Aýralyga çalşyp, hasrata ýugrup

## PARHY ÝOK OŇA

Giň deryadym, akardym joşa-joşa
Mendim dünýäň iň bagtly ynsany
Gül gunçasyn, gün çogy deý ýyladyp
Aýdyň şeýdip kim söýüpdir kimsäni

Ýöne ýüreklere gelýän damarlaň
Gurady möwç urup akan hanasy
Köňül deryasyny gulaçlap ýüzen
Uçup gitdi, kölüň ýaşyl sonasy

Namart sözi böwet basdy öňüme
Ýar gitdi ynanyp namart sözüne
Gitdi ol duwlanyp asmana sary
Söýgümiň ornuna bagş edip dary

Ýar gitdi, men galdym, ýalňyz bir özüm
Şondada hyýalda ýar bilen bile
Diňle sen ezizim iň soňky sözüm
- Baýguş uzak gitmez, gonsada güle

Gül bilen gyzganyň parhy ýok oňa
Ol bilenok söýgüň mukaddesligin
Terk eder bägülli ajap mekany
Amala aşyrsa pis niýetlerin

## ÝÜREGI DAGLY

Dogry seniň päkligiňe sözüm ýok
Bilýärin ýürekden söýeniňem meni
Ýöne şol söýgüden şineläp çykan
Söýgümiziň ajap simwoly hany

Nirde gyzgyn damarlara güýç beren
Ýürek bökdüriji mylaýym sözler
Nirde meni güneş kimin garşylap
Boz maýa dek meni uradan gözler

Ýok sende ýetenok ýekeje bir zat
Olam öz söýgüňe bolan ynamyň
Söýgüliň ýürekden aýdan sözünden
Gowy gördüň, özgäň aýdan ýalanyn

Seň üçin ähli zat, tebigy bir zat
Söýüp, söýülmegem bir şoňa bagly
Şoň üçin ezizim ýedi ýyl bäri
Özge öýden çykýaň ýüregi dagly

****

Gözleriň gözlerme kaknyşyp bu gün
Ot bolup eretdi buzlarym meniň
Tebibi duşan dek, galkyndy göwün
Ýuwuldy ýaramda duzlarym meniň

Göwnüm göterildi göremde keşbiň
Ugruma goýanok, kalbymda yşkyň
Bu ýürekden çykyp, möwç urýan joşgun
Dünýäni gülletjek ýazlarym meniň

****

Ynan sen ezizim, ynan sen maňa
Öz özüňe ynanşyň dek bir ýola
Hem gözlerime garap, oka bar zady
Olar söýgümiziň diri şaýady

****

Asman bilen başyn çatyp ak derek
Ýekelikden perwaz urýar janserek
Indi köp ýyl bäri, bir ýeke özi
Ýaryn ýatlap, çalyp otyr gam sazy

## AÝDYLMADYK BIR AÝDYM

Sen meň üçin, aýdylmadyk bir aýdym
Yşkyňda köýdürip, edýärsiň däli
Men seni her näçe söýsemde häli
Sen özgäň aýaly, özgäň aýaly

Gussaly gözleriň ýaksada janym
Kirpikleň ok bolup döksede ganym
Seni bagş edensoň özgä hudaýym
Sen özgäň aýaly, özgäň aýaly

Bilýärin men kyndyr çykarmak ýatdan
Çykarmaga hakymyzam ýok ýaly
Hyýalymda ýaşasamda seň bilen
Sen özgäň aýaly, özgäň aýaly

## SAKLAMAŇ MENI

Ýar gitdi, men galdym, ulaşyp derde
Bilmedim ýagdaýyn, ýaryň ol ýerde
Aglamak ejizlik bolsada merde
Saklamaň halaýyk, saklamaň meni

Arzuwum - hyýalym başymdan uçdy
Ýüregim çat açyp, akylym çaşdy
Dostlarym güň bolup, duşmanlam joşdy
Saklamaň halaýyk, saklamaň meni

Ýaşamak kyn onuň jemalyn görmän
Ýa ykbala ýazyldymy bu perman
Haýyşym, ýürekde galmasyn arman
Saklamaň halaýyk, saklamaň meni

Baharsyz bu dünýä öwrüler tüme
Her günüm öwrüler gaýgydyr-gama
Men onuň aşygy, etmişim näme?
Saklamaň halaýyk, saklamaň meni

Ýar gitdi, ýürekde kän galdy arman
Indi meň derdime ýok özge derman
Gideýin men, ýara bolaýyn gurban
Saklamaň halaýyk, saklamaň meni

Näkesler ynanmaz güýjüne yşkyň
Yşka düşse şalar küýsemez köşgün
Göwnüm aýdar, ýaryň mekanna göçgün
Saklamaň halaýyk, saklamaň meni

## GÖWNÜM BAHARYM

Gözleriň jan algyç bagrymy ýakar
Pisse dodaklaryň balmydyr-şeker
Kirpikleň ok bolup ganymy döker
Men goly daňylgy guluň Baharym

Baharym, Baharym guluň Baharym
Sensiz durmuş maňa ölüm Baharym

Etimden geçsede seň beren yzaň
Ýenede taýýar men çekmäne jezaň
Söýgimiň ugrunda dolsada kazam
Razy yşkynda ölsem Baharym

Baharym, Baharym gülüm Baharym
Gorkuly däl maňa ölüm Baharym

Bize bagyş edip yşkyň jepasyn
Özgä hödürleýäň mähri-wepasyn
Haçan açjak söýgüň altyn gapysyn
Bize bagyş edip ýazyň Baharym

Baharym, Baharym ýazyň Baharym
Sen umman deňizde gazym Baharym

Durmuş arzuwlary dolup dur mende
Dünýä gözelligi birleşen sende
Men karar tapmaryn görmesem günde
Her günüm gaýgy-gam, heser Baharym

Baharym, Baharym heser Baharym
Eli tygsyz bagrym keser Baharym

Bilbil aýrylmasyn söwer ýaryndan
Goý ol aýyrylmasyn namys-aryndan
Goý saýrasyn, asma yşkyň daryndan
Bilbil waspyn etsin, bagyň Baharym

Baharym, Baharym bagyň Baharym
Agyr çekmek yşkyň dagyn Baharym

Çyn aşyklar dözer yşkyň dagyna
Hak aşyk men, bak sen hyrydaryňa
Adalatly garap meň ykbalyma
Özüň çöz bu söýgiň düwnün Baharym

Baharym, Baharym düwnün Baharym
Goý galkynsyn tukat göwnüm Baharym

## ÝATLAÝAN

Agşam düşüp tüm ýöredende höküm
Ýolumy ýagtyldan aýy ýatlaýan
Ot öçüp, burugsap galanda tütün
Alowlap çabyran çogy ýatlaýan

Durmuşda ýatlama galyp bir zatdan
Biri süýji, biri beterdir otdan
Has şirin ýatlaman sorap wagtdan
On ýedimiň bahar – ýazyn ýatlaýan

Kätede gulaçlap pikir ummanyn
Duýman ýaz ýagşynyň süňňüm ezýänin
Göz öňüme getirip seniň dymýanyň
Hupbatly söýgüniň näzin ýatlaýan

Näzik duýgularym joşup kalbymda
Hemram bolup gelýär bütin ömrümde
Söýgümiziň bu ajaýyp şygrymda
Gün saýyn köpelýän paýyn ýatlaýan

## UZAKMY ÖMRÜM

Geçenok ezizim bu hupbatly gün
Aýralyk dag bolup üstümden basýar
Giňişlige näçe garadygymça
Nämüçündir meniň ýüregim gysýar

Garjaşyk pikirler daşymy gurşap
Ikä bölýär meniň ýörejek ýolum
Birisi söýgüsiz gurulan durmuş
Biri gülläp soňra köýen ykbalym

Tolgunmasyn ýürek, daňyň gözlerim
Nätanyş ýürege syn etmesin ol
Çaknyşyp göreçler ot alyp söýgi
Üçünji ýüregi buz etmesin ol

Biçäre ýüregim uzakmy ömrüň
Uzakmy urmaly urgulaň sany

Üçünji ýüregiň sag bolsun jany

Goý ol ynjytmasyn köýen ykbalym
Goý sülleren bägül terlensin çyga
Ýumul eý gözlerim, urma ýüregim
Döz gel indi ýiti uruljak tyga

Näme sen sançýarsyň aşa gussaly
Bilýän ýürek, saňa ir entek ölmek
Emma köýen söýgüm ýaşatmak üçin
Ynan diňe seniň ölmegiň gerek

Hemmeler başarýar aňsat ölümi
Emma sen bar gussany çekip ölmeli
Gyrmyzy ganyňy topraga garyp
Gül bolup zemine gaýdyp gelmeli

## KARAR TAPMARYN

Dagdan siller inse aşak
Insin depämden başaşak
Dolan, gitme meni taşlap
Men sensiz karar tapmaryn

Yşkyň derdi geçer tenden
Sowular bahar – ýaz menden
Köwser dagyň derbendinden
Men sensiz karar tapmaryn

Egiler çynaryň başy
Görünmez töwerek daşy
Döküp gözden ganly ýaşy
Men sensiz karar tapmaryn

Ýalbaryp men Biribara
Gowşur diýip meni ýara
Kalbyma salmada ýara
Gel sensiz karar tapmaryn

## GAŞYŇ ÇYTSAŇ

Zemin joşar, gül açar
Ýyldyzlar şöhle saçar
Günüm şowhunly geçer
Gülüp baksaň Baharym

Aý çekiner bakmaga
Ýere şöhle saçmaga

Gaşyň çytsaň Baharym

Gülýaka gelşer döşe
Sürme çek galam-gaşa
Ýaz günüm döner gyşa
Gahar etseň Baharym

Aglatma özüň aglap
Kalbymy oda daglap
Gezeýin ömrüm baglap
Kabul etseň Baharym

## DUÝÝARYN

Näme üçin çekdirip yşkyň jepasyn
Özgä hödürleýäň mähri – wepasyn

Sen misli Zeýs hudaýlaň şasy
Ýa şeýleräkmikä gözelleň käsi

Rugsat ber Lel, söýgi hudaýy
Men onuň aşygy, yşkyň gedaýy

Ýa Nainaň Fini söýmeýşi kimin
Aýt maňada ondan ýakynmy zemin

Sen Armida bolup baglasaň bende
Meýletin Rinaldaň bolardym mende

Mylaýymlyk ýok bolsada sözleňde
Bir ýakynlyk duýýaryn men gözleňde

## ÇEKILSEM DARYŇDA

Sen şa gözel, men geda
Geda men seň baryňda
Bolsam erkiň eýesi
Ýa çekilsem daryňda

Ýetsem seniň waslyňa
Öpsem, oýnasam, gülsem
Ýa gahryňa duş bolup
Yşkyň ugrynda ölsem

Gazap edip ýandyrsaň
Ýaksaň, daglasaň tenim

Sogursaň dilim meniň

Köňül aýnasyn basyp
Diwar gurma gyz ara
Şalarda pähim – paýhas
Asdyrma meni dara

Şa bolsaňda eý gözel
Salma gedan gözüňden
Men bir ýöne gedaý däl
Many çykar sözümden

Elim serip ger ýaly
Aşyk däl men tagtyňa
Men ýüregim serýärin
Aşyk bolup bagtyňa

Zat gerekmez gedaňa
Men seň yşgyň gedasy
Zadyň däl gara gözüň
Janym bolsun pidasy

Men aşygy aý-günüň
Men aşygy ter gülüň
Sen şa bolma, gül bol gyz
Men bolaýyn bilbiliň

## URMASYN GOÝUP

Şygyr ýazmak üçin aldym galamym
Ýazmakçydym derýa-daglar hakynda
Emma ylham diňe seň hakda sözläp
Joş urdy, joş urdy durman çakynda

Gözlerimem diňe saňa garady
Özgelere baksa görmedi gözler
Gulagmada gelýän diňe sen hakda
Şanyňa aýdylýan mynasyp sözler

Sähra bakdym, säher çygy ýüzlenip
Sähra maralyny ürküzme ýigit
Gora oňa namart oky degmesin
Dik tutsyn başyny, aşak egmesin

Ylhama ýalbardym, sözleme diýýip
Gözlerme ýalbardym, gözleme diýýip

Pyşyrdady ýürek urmasyn goýup

**DIÝÝÄR SEN ÝIGRENÝÄNIM**

Bereýin dünýe malyn
Sen diýip urýar ganym
Diýsem söýgüli ýarym
Diýýär sen ýigrenýänim

Şirin janymam seňki
Bolsa malymam seňki
Gara saçlaryň çözläp
Durma gyz ýüzüň gizläp
Gel bol söýgüli ýarym
Diýýär sen ýigrenýänim

Bulut bolma, gün bol gyz
Tiken bolma, gül bol gyz
Gün bolda eret garym
Diýsem söýgüli ýarym
Diýýär sen ýigrenýänim

Sen altyn men bir simap
Görsem eräp akýaryn
Gül keşbiň göz öňümde
Mydam saňa bakýaryn
Diýsem sen meň söýýänim
Diýýär sen ýigrenýänim

****

Sen gitdiň, azaldy dünýämiň görki
Saňa baglanypdy ömrümiň örki
Sen meniň durmuşum, geljegim, bagtym
Sen meniň baýlygym, sen täji-tagtym

Sen gitdiň, duýmadyň garaşdym saňa
Ejir çekdim, beren derdiňden ýaňa
Yşk ýüküni ýaş gerdenme göterip
Garaşdym, garaşdym ýagtyljak daňa

Seni söýüp kalbym bir saňa uýdy
Sensiz ýaşaýyşy manysyz duýdy
Sen gitdiň, aýtmadym aýdymyn soňun
Gözlerim ukusyz atyrdy daňyn

Söýgüme düşünse çydamaz asman
Göz ýaşyny döker, yzyny kesmän
Göýberse göz ýaşyn tozanly çöle

Sen ekeniň meniň aýdymym-sazym
Sen ekeniň meniň baharym-ýazym
Okasaň şygrymda görersiň özüň
Sen meniň durmuşum, sen guba-gazym

Mydam söýgi bilen joşmasa ýürek
Onda bu ýaşaýyş nämäme gerek

****

Söýgi bir hesretdir, köp bolar derdi
Saýlar ol durmuşda namardy, merdi

Kyn günde goldana diýerler merdan
Ýoldaşyny harlar wepasyz ynsan

Sen meni harladyň, müň ýola günde
Şondada hiç günä ýokdur gyz sende

Günä meň özümde, näme üçin söýdüm
Söýmejek halyňa yşgyňda köýdüm

Sebäp öz ugruma goýanok gözleň
Mylaýym ýylgyrşyň, ajaýyp sözleň

Meňzeş ýürek urgyň, kitap söýüşiň
Haýrany men gyzyl – ala geýişiň

Gitme gyz, synlaýyn - synlaýyn uzak
Görmesin özgeler gurmasyn duzak

****

Inkär etme, aramyzyň daşlygyn
Habarym ýok senden göwün hoşlugym
Bagtlysyň diýýip ötürüpdirn ömrümi
Barmazmydym bilsem seň nähoşlugyň

****

Örtener magşugyn almadyk aşyk
Ýurduny terk eder, daglardan aşyp
Magşugna gowşanlar gün bolup dogsa
Oň üçin dogan gün barýandyr ýaşyp

****

Wagt geçip barýar ömürden gädip
Sen özgäň öýünde, görmeli nädip?
Ynansaň erkimi özüm örkledim
Parahat durmuşyň bozaryn öýdüp

****

Eremezmi buzyň gün bolup çoýsam
Gyş sowlyp, täzeden gelmezmi bahar
Saňa bolan söýgüm äleme ýaýsam

****

Käteler ýüregme sygmady söýgüň
Pikir ummanynda gaýnady duýgym
Duşyp dil ýarmadyň öz ykbalyňdan
Geçenim, geljegim, şatlygym, gaýgym

****

Bu gün bilbil bolup saýramady gyz
Günäkär men, saýramadygna gyzyň
Ýuwup bilermikäm günämiň ýaryn
Gyşyna çalyşsam ömrümiň ýazyn

Ýuwup bilermikäm günämiň ýaryn
Gerdenme götersem derdini gyzyň
Seýikläp bilsemdim synan ýüregin
Çök düşüp öňünde epemde dyzym

## YLHAM ÇEŞMÄM GURASA

Eger bir gün ylham çeşmäm gurasa
Söz tapmasam, halka ýetire ýazyp
Dolanaryn seniň çäksiz söýgüňe
Ýüregimiň gizlin ýarasyn bozup

Sen hakda ýaş döküp sözlär ýüregim
Ylham çeşmäm seň söýgüňden nemlener
Seň yşkyňda ýanyşyma baş ýaýkap
Baglar ýaprak döküp, daglar gamlanar

Ondan bäri dogry geçdi ençe wagt
Saňa bolan söýgim gitdi möwç urup
Bu gün bolsa gara gözleň ýatlaýan
Şol goja çynaryň düýbinde durup

Göýä goja çynar aglap agyňy
Göwnüme bolmasa bir az peseldi
Ýa ol hem, yşk ýükün gerdenne çekip
Meň ýüregme berýärmikä teselli

****

Älemde senden başga
Meniň köňlüm alan ýok
Kalbymy oda çawlap

Ýok meňzimi saraldyp
Didaryna zar eden
Giň dünýämi daraldyp
Öýümi zyndan eden

## ALLAŞ DAÝYŇ ÇAŞKAJYGY
## 05.12.2012Ý.

Özi barka buggaryp dur
Allaş daýyň çaşkajygy
Bolmasa boş gugaryp dur
Allaş daýyň çaşkajygy

Çemçesi kümüş çaýylan
Çaýyna limon garylan
Kofeden içi saralan
Allaş daýyň çaşkajygy

Dag teke çaşkaň ýüzünde
Gujur gaýraty gözünde
Gijesi bilen elinde
Allaş daýyň çaşkajygy

Hoşboý ysy melhem jana
Gyş günüňi öwürer ýaza
Tans etdirer goşup saza
Allaş daýyň çaşkajygy

Içeňsoň hindi kofesin
Goýalar akyl-paýhasyň
Gije getirmez ukusyn
Allaş daýyň çaşkajygy

Ýetse hoş ýakar janyňa
Goýmaz bu dünýäň gamyna
Ogşar Jemşidiň jamyna
Allaş daýyň çaşkajygy

## WATAN BILEN ARKADAG
## (10.12.2012ý.)

Ulus iliň daýanjy
Başymyň tylla täji
Görer gözmiň guwanjy
Watan bilen Arkadag

Dünýä ýaň salýar ady
Ýürekleň göwün şady
Watan bilen Arkadag

Belentdir sahawaty
Gülleýär Adalaty
Çüwdi halkynyň bagty
Watan bilen Arkadag

Berkarardyr döwleti
Agzybirdir milleti
Peşgeş berdi jenneti
Watan bilen Arkadag